# Guýrukly ýyldyzdaky «piramida»

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Guýrukly ýyldyzdaky "piramida" GUÝRUKLY ÝYLDYZDAKY «PIRAMIDA»

Ýewropanyñ Kosmos gullugynyñ (ESA) uçuran «Rosetta» kosmos gämisiniñ getiren fotosuratlarynda «67,P/Çurýwumo-Gerasimenko» guýrukly ýyldyzynda piramida görnüşindäki 25 metrlik harsañ gaýa böleginiñ şekilleri ünsi çekdi.
«Rosettadaky» Optiki spektropkopiki we infrareñki görkezme sistemasynyñ (OSIRIS) baş hünärmeni Holger Sierks eden çykyşynda şekillendirilen gaýa bölegini Kairdäki Heops piramidasyna meñzedilip «Heops» adynyñ berlendigini aýtdy. «Heops» gaýasynyñ heniz bize näbelli bolup galýan birnäçe aýratynlyklarynyñ bardygyny aýdýan alymlar guýrukly ýyldyzyñ üstündäki gaýalaryñ gurluşynyñ nähili emele gelendigini öwrenmegiñ dowam edýändigini nygtaýarlar.
Alymlar guýrukly ýyldyzyñ hereket edip kosmosdaky durşuny üýtgeden ýagdaýynda gürrüñi gidýän gaýalaryñ «Rosettanyñ» fotokameralary üçin oñaýly ýagdaý döretjekdigine ünsi çekdiler.

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Geň-taňsy wakalar